# Kiçijik Alynyñ oýny

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kiçijik Alynyñ oýny KIÇIJIK ALYNYÑ OÝNY

Kiçijik Aly ýaşuly daýhandan 500 lira eşek satyn alypdyr. Emma daýhan oña eşegi söwdalaşan gününiñ ertesi berjek diýipdir. Ertesi irden ýaşuly:
– Oglum, eşeg-ä düýn agşam ölendir, puluñam sowup gutardym! – diýýär. Aly ýaşula:
– Şonda-da eşegi ber maña – diýýär. Ýaşuly:
– Öli eşegi näme etjek? – diýip soraýar. Aly gülüp:
– Eşegiñ ölüdigini hiç kime aýtjagam däl. Bije atyp, satybererin – diýýär.
Aradan bir aý geçipdir. Ýaşuly Ala duş gelipdir we ondan sorapdyr:
– Eşegi näme etdiñ?
Aly:
– Eşegi bijä saldym, 10 liradan 500 adama satdym. 5000 lira gazandym! – diýýär.
– Eşegiñ ölüdigini bilip gahary gelen bolmadymy?
– Ýok-laý… Diñe bijesi çykan iñirdejek boldy, oña-da 10 lirasyny gaýtargy berdim, monça bolup gitdi!
Kiçijik Aly ulalypdyr, eşek satyp pul gazanmaga dowam ediberipdir…

*Bu ýurduñ ne Alylary gutarar, ne Welileri. Ne öli eşekleri, ne-de añsat ýoldan pul gazanjak bolup, bulara puluny gideryänleri gutarar…* Degişmeler